Türkmeniň hak howandary saýylýar
Arkadagym, Arkadagly Serdarym
Mertebesi giň jahana ýaýylýar
Arkadagym, Arkadagly Serdarym

Her oba, her menzil merjen nagyşlar,
Nebit-gazym dünýä ýüzün gulaçlar,
Ak bugdaý, ak pagta bagty bagyşlar
Arkadagym, Arkadagly Serdarym

Ylym daragtymyz gülläp her ýanda,
Mahmal owaz içre mukam saýranda,
Akyly-paýhasy goýar haýranda,
Arkadagym, Arkadagly Serdarym

Paýhas-hazynanyň mähek daşy Siz,
Watan tylla ýüzük göwher gaşy Siz,
Görogly gardaşyň ýaşyn ýaşaň Siz,
Arkadagym, Arkadagly Serdarym

**Bekgi ARSLANOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň öwrenji-mugallymy,**
**Türkmenistanyň ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym**

Все права защищены
save pdf date >>> 19.01.2025